# Gysgaça orazañ fykhy.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**1-Orazanyñ manysy:**

Dilimizde oraza ýa-da roza diýip, beýan edilen ybadatyñ arapça ady **sawm** ýa-da **syýam-**dyr.

Arap dilinde sawm ýa-da syýam: imsäk ýagny terk etmek, bir zatdan uzaklaşmak we el çekmek manysyny añladýar.

Yslam şerigatynda bolsa, dañyñ atyşyndan günüñ batyşyna çenli, iýmek, içmekden saklanyp we başgada orazany bozýan zatlardan saklanyp, amala aşyrylýan ybadatdyr.

**2-Orazañ rükünleri:**

Orazañ rükünleri üçdür:

1-Niýet:

Orazañ tutjak kişiniñ belli bir wagtyñ içinde, belli bir zatlary terk edip Allaha gulluk etmegi ýüregine düwmegidir. Çünki **"amallar niýetlere görädir we ynsana diñe niýetine görä sogap bardyr."** (Buhari we Müslim)

2-Imsäk:

Oraza tutan kişiniñ niýeti bilen bilelikde, dañ atandan gün batýança, şerigatyñ orazany bozýar diýen zatlaryndan uzak durmagydyr.

3-Wagyt:

Oraza tutan kişiniñ niýet edip orazany bozýan zatlary terk etmegi, dañ atandan gün batýança dowam etmegidir.

**3-Ramazanda oraza tutmagyñ hökümi:**

Ramazan aýynda oraza tutmak Kuran, Sünnet we ijma bilen parzdyr. Orazañ parzlygyny inkär eden Yslam dininden çykyp, kapyr we mürted bolar.

Allah Tagala şeýle buýurdy: **"Eý iman edenler! Sizden öñki ymmatlara parz edilişi ýaly, sizede oraza parz edildi. Umyt-ki gorkup çekinersiñiz..."** (Bakara, 2/183)

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **"Yslam bäş zadyñ üstüne bina edilendir. Allahdan başga hak iläh ýoklugyna we Muhammed sallallahu aleýhi we sellemiñ Onuñ pygamberidigine şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, käbä haj etmek, ramazan aýynda oraza tutmak."** (Buhari, Muslim)

**4-Ramazan aýynda oraza tutmagyñ fazileti:**

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **"Kim iman edip we sogabyny Allahdan garaşyp Ramazan aýynda oraza tutsa, ol kişiniñ öñki günäleri bagyşlanar."** (Buhari, Muslim)

**5- Ramazan aýynda orazanyñ başlaýan wagty:**

Ramazan aýynda orazañ başlamagy iki zat arkaly belli bolar:

1-Ramazan aýynyñ görülmegi.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Aýyñ doganyny görseñiz oraza başlañ.”** diýendir. (Buhari, Muslim)

2-Şaban aýynyñ 29-njy gijesi, aý görünmese ýa-da howañ (bulutly, ümürli) bolmagy sebäpli aýy görmek mümkinçiligi bolmasa, Şaban aýynyñ 30-njy gijesi dolmagy bilen Ramazan aýy başlar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Eger aýy görüp başarmasañyz, Şaban aýyny 30- güne tamamlañ.”** diýdi. (Buhari, Muslim)

Ramazan aýynyñ haçan başlaýanyny bilim (kalendar ýa-da başga hasap) usullary bilen hasaplap, başlajak wagtyny belli etmek jaiz däldir. Çünki aý her ýyl üýtgeşik dogýandyr. Kalendar hasabyna görä 30-na dogmaly aý, kä wagt bir gün ir dogup bilýär. Şonuñ üçin bu meselede sünnetde bize öwredilişi ýaly amal etmelidiris.

**6-Orazañ şertleri:**

1-Yslam (Musulman bolmak):

Oraza kapyra parz däldir. Kapyr oraza tutsada kabul bolmaz.

2-Akyl:

Oraza dälä parz däldir. Niýet edip bilmeýänligi üçin tutsada, sahyh bolmaz. Çünki Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Üç kişiden galam (hasap) göterilendir....akyllanýança ýa-da özüne gelýänçä däliden.”** diýdi. (Ebu Dawud)

3-Bulug (ululyk ýaşyna ýetmegi):

Oraza bulug, ululuk ýaşyny ýetmedik çaga parz däldir. Ululuk ýaşyna ýetmedik çaga, hasaba çekilmeýän üç kişiden biridir.

Mumeýýiz (aýdan sözüñe düşünip jogap berip bilýän we ortalama ýedi ýaşyndaky) çaganyñ tutan orazasy, niýet edip bilýänligi üçin sahyhdyr.

Bulug (ululyk ýaşyna ýetmegi) şu aşakdaky zatlar bilen belli bolar:

-Ihtiläm (ukyda meniniñ gelemgi) ýa-da başga sebäpler bilen meniniñ (dölüñ) gelmegi.

-Uýat ýerine tüýleriñ çykmagy.

-On bäş ýaşyny doldurmagy.

-Gyzlarda aýbaşy başlamagy.

4-Syhhat: Saglygynyñ bolmagy.

5-Ikamet: Belli bir ýerede ýaşaýan bolmaly.

6-Güýç ýetirmek: Käbir ynsanlar saglyklary gowy bolsada, garrylyk ýa-da göwrelilik ýaly sebäpler zärarly oraza tutmaga güýç ýetirmän biler.

7-Zenanlar Haýyzdan we Nifastan arassalanan bolmaly.

Haýyzly we nifasly zenanyñ oraza tutmagy parz däldir. Eger tutsada sahyh bolmaz. (hasap edilmez). Haýyzly we nifasly günleri tutyp bilmedigi orazasyny, arassalananda kaza etmelidir.

8-Niýet.

Niýet oraza tutmagy ýüregiñe düwüp, karar bermekdir. Bu karar, niýet ýürekde bolar.

Diliñ bilen niýeti aýtmak şerigatda ýokdur we jaiz däldir.

Parz bolan oraza üçin dañ atmadan öñ, niýet etmek şertdir.

Emma nefil oraza üçin bolsa, dañ atandan soñra iýip içmezlik şerti bilen, gün içinde niýet etseñde sahyh bolar.

*Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.*